***Ata-babalarymyzyň bize galdyran ruhy gymmatlyklarynyň hatarynda, ýagny halk döredijiligi eserleriniň iň esasylarynyň biri hem nakyllardyr. Munuň özi halkymyzyň gadymy döwürlerden şu günki günlere çenli gelip ýeten ruhy baýlygydyr, edep-terbiýe mekdebidir. Nakyllar ýaş nesillere öwüt-ündew, terbiýe bermekde uly ähmiýete eýedir, çünki olaryň edepli, tertipli, abraýly, ilhalar adam bolup ýetişmeginde ata-babalarymyzyň döreden nakyllaryna salgylanmak oňyn netije berýär.***

Ata-babalarymyzyň öwüt-ündewlerine görä, başarsaň başgalara ýagşylyk etmeli, çünki ýagşylyk eden, hoşgylaw adam hiç haçan ýatdan çykmaýar. Ol hemişe alkyş alyp gezýär. Şonuň üçin biziň ata-babalarymyz: «Ýagşy adam ýatdan çykmaz», «Ýagşy adamda ýagşy ýüz», «Ýagşylaryň söhbedinde işigem bir tördür», «Ýagşy söz baldan süýji», «Ýagşylyk et, derýa at, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler» diýen ýaly nakyllary döredipdirler.

Edep-terbiýe barada ata-babalarymyz ençeme nakyl döredipdirler. «Çaga eziz, edebi ondan hem eziz» diýen nakyla görä, çagany näçe gowy görseňem, kiçiliginden başlap, hatda dil bitmezinden öňünçä oňa edep öwredip başlamaly. Edepli çaga ähli ýerde özüni tertipli alyp barmagy başarýar. Perzendiň edepli bolmagy üçin ata-babalarymyz öz çagalaryna hemişe diýen ýaly söz bilen täsir edip durupdyrlar. Şonuň üçin «Edep başy — dil», «Edep bilen bagt tapylar, sabyr bilen — tagt», «Edebiň ýagşysy ulyny syla», «Edepli ile ýarar» diýen ýaly nakyllar döräpdir.

Edep-terbiýe babatdaky nakyllaryň gyz maşgalalara degişlileri hem köp ulanylýar. Zerur bolsa, köplenç ýagdaýda çaganyň ene-atasynyň kimdigini, maşgala ýagdaýlaryny, olaryň jemgyýetdäki ornuny we at-abraýyny öwrenipdirler. «Gyz eneden görelde almasa, öwüt almaz, ogul atadan görelde almasa, saçak ýazmaz», «Ata kesbi — ogla halal», «Enesini gör-de gyzyny al, gyrasyny gör-de bizini al» diýen ýaly nakyllaryň üsti bilen çaganyň, ýetginjegiň edep-terbiýesine baha beripdirler.

**Suraý KULLYÝEWA,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň 2-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026